**BLACKBERRY CLIENT**
**ÖNDÜRIJI-ALYJY ŞERTNAMASY**

Bu Client programma üpjünçiligi (mundan beýläk, “**Client**”) “BlackBerry Limited” kompaniýasy ýa-da onuň şahamçasy (mundan beýläk, “**BLACKBERRY**”) tarapyndan diňe degişli korporatiw serwer programma üpjünçiligi we hyzmaty (mundan beýläk, “**Server Software**”) bilen bilelikde ulanmak maksady bilen alyjylara hödürlenýär. Client we onuň ýany bilen goýberilýän “**Managed Applications**” barada aşakda goşmaça aýdylyp geçilip, umumylykda “**Solution**” diýlip atlandyrylýar (bilelikde “**Client Software**”).

Client Software-i gurmak, işjeňleşdirmek ýa-da ulanmak üçin ilki bilen (a) (i) Solution üçin BLACKBERRY bilen “**BlackBerry Solution License Agreement**” şertnamasy baglaşylan bolmaly. Oňa Solution, ýagny BBSLA bilen bagly bolan siziň tarapyňyza degişli goşundylar hem-de goşmaça şertleri degişlidir. (ii) Solution bilen baglylykda şeýle Client Software-i enjamyňyza gurmak, işjeňleşdirmek we ulanmak babatda Client Access License üçin gerek bolan halatynda degişli tölegler tölenmeli. Ikinjiden bolsa (b), Client Software-i gurmak, işjeňleşdirmek we ulanmak üçin size (i) BBSLA baglaşan, (ii) BBSLA esasynda size Client Software-i ulanmagyň şertlerini beýan eden, (iii) siziň Client Software-i ulanmagyňyz bilen bagly jogapkärçilikleri öz üstüne alan hem-de (iv) siziň degişli tölegler tölemäge razylyk bildiren işgäriňiziň ýa-da beýleki ýuridik şahsyň (mundan beýläk, “**Ygtyýarly şahs**”) Solution bilen baglylykda şeýle Client Software-i enjamyňyza gurmak, işjeňleşdirmek we ulanmak babatda Client Access License üçin gerek bolan halatynda Ygtyýarly şahsyňyzyň adyndan wekilçilik etmäge ygtyýar berlen bolmaly.

Edaraňyz Mobile Application Management (“**MAM**”) ýerine ýetirmek üçin Solution ulanmak arkaly, size enjamyňyzyň şahsy tarapynda ýa-da iş zolagynda işletmek üçin dizaýn edilen programmalary (“**Dolandyrylýan programmalar**”), şol sanda üçünji tarap tarapyndan üpjün edilýän programma üpjünçiliklerini elýeterli edip biler. Olar BBSLA esasynda “**Third Party Software**” hasaplanylýar. Siz we Üçünji tarap programma üpjünçiliginiň ulanylyşyna gözegçilik edýän siziň Ygtyýarly şahsyňyz we Üçünji tarap programma üpjünçiligi bilen üpjün ediji öz araňyzda goşmaça şertler we düzgünler girizip bilersiňiz. BLACKBERRY Üçünji tarap programma üpjünçiligi üçin jogapkärçilige çekilmeýär. Munuň bilen baglanyşykly ähli meselelere Üçünji tarap programma üpjünçiligi bilen üpjün ediji jogap berýär.

Edaraňyz Solution ulanmak arkaly enjamyňyzda Mobile Device Management (“**MDM**”) funksiýalaryny ýerine ýetirip, şol sanda şahsy maglumatlary ýygnap biler. Edaraňyz Solution arkaly ýygnalýan ähli maglumatlaryň ýygnalmagy, işlenilmegi, ulanylmagy we dolandyrylmagy boýunça jogapkärçilik çekýär.

Ýokardaky düzgünler bilen bir hatarda, eger-de siz islendik Client Software-i “Apple” kompaniýasynyň iTunes App Store-undan alan bolsaňyz, siziň Client Software-i gurmak, işjeňleşdirmek we ulanmak boýunça wekilçilikli çykyş edýän Ygtyýarly şahsyňyzyň adyndan (i) “Apple” kompaniýasynyň şeýle Client Software-iň işleýşi, guratlygy we kepilliligi ýa-da üçünji tarapyň Client Software-iniň şol üçünji tarapyň intellektual emläge degişli hukuklary hakyndaky arz-şikaýaty boýunça hiç hili jogapkärçilige çekilmeýändigini tassyklaýarsyňyz we munuň bilen ylalaşýarsyňyz. Eger-de Client Software kepilligine laýyklykda hereket etmedik ýagdaýynda siz

“Apple” kompaniýasyna bu barada habar berip bilýärsiňiz. “Apple” kompaniýasy bolsa Client Software-i satyn almak üçin tölän tölegiňizi gaýtaryp berýär ýa-da degişli kanunlara laýyklykda kompaniýanyň üstünden programma üpjünçiligi bilen bagly kepillikleriň islendik görnüşi aýrylýar,  (ii) “Apple” kompaniýasynyň we onuň şahamçalarynyň bu şertnamanyň üçünji tarap bähbitdarlary bolup durýandygy hem-de üçünji tarap bähbitdar hökmünde bu şertnamany güýje girizmek hukugyna eýedigi ýa-da şeýle hukuga eýeçiligi kabul edendigi bilen ylalaşýarsyňyz.

AŞAKDAKY “YLALAŞÝARYN” DÜWMESINE BASMAK ÝA-DA CLIENT SOFTWARE-IŇ ISLENDIK BÖLEGINI GURMAK, IŞJEŇLEŞDIRMEK ÝA-DA ULANMAK BILEN SIZ ILKI BILEN ŞU ŞERTNAMANY OKAP DÜŞÜNENDIGIŇIZI, OŇA TABYN BOLUP DURÝANDYGYŇYZY, ŞEÝLE HEM a) WE b) PARAGRAFLARDA AGZALÝAN ŞERTLERI BLACKBERRY-Ä KEPILLENDIRÝÄRSIŇIZ. **EGER SIZ BU ŞERTNAMA BILEN YLALAŞMAÝAN ÝA-DA ÝOKARKY ŞERTLERIŇ ISLENDIK BIRINI KABUL ETMEÝÄN BOLSAŇYZ, ONDA SIZIŇ CLIENT SOFTWARE-I GURMAGA, IŞJEŇLEŞDIRMÄGE WE ULANMAGA HIÇ HILI HUKUGYŇYZ ÝOKDUR.**